# Biziñ illerde

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Biziñ illerde BIZIÑ ILLERDE

Kesearkaçdyr oturymmyz – aslymyz,
Dowan diýmiş – çyn türkmeniň asly biz.
Gowşut hanyň, Gurban Durdyň nesli biz,
Aňryňy duýarlar biziň illerde.

Garrylar ýigdeler, ýaşlar goçalar,
Dili senalydyr seýit-hojalaň.
Elleri tesbili dana gojalar
Bir Haka uýarlar biziň illerde.

Ýoluň alyslygyn etmän bahana,
Myhman geliň Maru-Şahu-Jahana!
Şordepäň üzümi ýarar dahana,
Naz-nygmat iýerler biziň illerde.

Gezim etseň Çaşgyn, Pendi, Kişmany,
Egsilmezdir saçaklaryň aş-nany.
Ýakyn-ýady, dosty ýa-da duşmany
Sözlände duýarlar biziň illerde.

Gojukýap, Amanýap, Şorýap, Çarlakýap,
Burkazýap, Keseýap, Hanýap, Çepekýap.
Samsykýap, Akylýap, Tilkiýap, Akýap… –
Şeýle at goýarlar biziň illerde.

Kyrk çillede ýada salar ýazlary Ödenýazyň, Ýazgeldiniň sazlary.
Bugdaýreňk, maral gözli gyzlary
Ýigitler söýerler biziň illerde.

Barmagynda şorta sözüň sapagy
Çary Gurbangylyç, Ata Köpegiň.
Reňbe-reň öwüsýän Merw şapagyn

Taryhy saýarlar biziň illerde.

Ýakyndan-alysa gidip-gelişe,
Sarykmy, ärsary, teke, buluja…
Molla Töre ahun, Yzzat Gylyja
Çuň sarpa goýarlar biziň illerde.

Agzybir maşgala – «igmidir» «guly»,
Parhyna ýeterler pes bilen ulyň.
«Şu mahal», «Şu wagt» bardyram welin,
«Şü pille» diýerler biziň illerde.

Atajan TAGANOW. Goşgular